# Goňşy hakynyň beýany

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Goňşy hakynyň beýany GOŇŞY HAKYNYŇ BEÝANY

Resul alaýhyssalam aýtdy:
– Goňşynyň goňşusynda üç haky bardyr. Owwal goňşy goňşydan bir zat dilese, bermek gerek. Ikinjiden, çagyrsa, barmak gerek. Üçünjiden, hassa bolsa, halyny soramak gerek. Goňşy öýde bolmasa, öýünden habardar bolmak gerek. Öýüňde her näme zat bişse, goňşyňa ibermek gerek.
Resul alaýhyssalam aýtdy:
– Bir goňşy bardyr. Onuň üç haky bardyr. Çünki ol goňşy garyndaşdyr. Garyndaşlyk haky, goňşuçylyk haky we musulmançylyk hakydyr.
Ýene bir goňşy bardyr. Iki haky bolar. Ol biçäredir. Onuň musulmançylyk haky we goňşuçylyk haky bolar.
Ýene bir goňşy bardyr. Ol kapyrdyr, onuň ýaly wagtynda goňşuçylyk haky ýokdur.
Resul alaýhyssalam aýtdy:
– Kyýamatda goňşy goňşyny tutar. Hudaýtagalanyň dergähine alyp barar. Aýdar:
– Eý, bar Hudaýa, meni pakyr etdiň. Bu goňşyny baý etdiň. Maňa bu goňşy aşyndan bermedi. Möhümimi bitirmedi – diýer.
Haktagala ol bendä azap eder. Ol sebäpden Resul alaýhyssalam aýdýar:
Kyýamat güni dokuz topar halk puşmanda bolar. Emma peýda etmez. Owwal Gurhan okanlar Gurhanyny unutsa. Ikinjiden, özüne dileg edip, özgä etmese. Üçünjiden, görüstandan ötse, dileg etmese. Dördünjiden, metjide girse, tahyýet metjit okamasa. Bäşinjiden, juma namazyny okamasa. Altynjydan, alymlar mesele bilse, halka ýetirmese. Ýedinjiden, iki kişi ýoldaş bolsa, bir-biriniň adyny soramasa. Sekizinjiden, her gije ýigitligini gapyllyk bilen ötürse. Dokuzynjydan, özi dok bolsa, goňşusy aç bolsa, oňa tagam bermese.
Resul alaýhyssalam aýtdy:

– Goňşynyň goňşa ýagşylygy üçdür. Owwal, gudraty ýetýänçä ýagşylyk etmek. Ikinji, goňşydan tamakinçilik etmezlik. Üçünji, goňşyny agyrtmazlyk. Eger goňşy şunuň ýaly bolmasa, onuň dawaçysy Haktagala bolar.

*Ajaýyplyklaryň düri. A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004.* Halk döredijiligi we rowaýatlar